***Kerwen gurap gelýän ýyllaryň her biri täze ýeňişlere, üstünliklere beslenýär. Taryha altyn harplar bilen ýazylan 2025-nji ýyl ornuny ajaýyp zamanamyzyň täze ýylyna — 2026-njy ýyla berýär. Täze ýyl baýramçylygynyň şatlygy ajaýyp durmuş sazlaşygy bilen halkymyzyň ruhuny galkyndyrýar, kalplarda täze maksat, arzuw-niýetleri joşdurýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň ähli künjeginde Täze ýyl mynasybetli baýramçylyk dabaralary, aýdym-sazly konsertler geçirilýär.***

Bu ýyl halkymyz üçin düşümli, döwletli ýyllaryň biri boldy. Ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin asylly işler dowam etdirildi. Maksatlar myrat tapyp, iri taslamalar üstünlikli amala aşyryldy. Şanly ýylymyzyň jemleýji günlerinde hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylda geçirilen halkara ders bäsleşikleriniň hem-de sport ýaryşlarynyň ýeňijilerini sylaglamagy bolsa iň täze taryhymyza möhüm sahypa bolup ýazyldy.

Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda möhüm ähmiýeti bolan köp sanly desgalar we binalar gurlup ulanmaga berildi. Hut ýakynda bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy hem-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň wekilçilik forumy uly dabaralara beslenip, ata Watanymyzyň halkara abraýyny ýene bir mertebe belende göterdi.

Elbetde, baýramçylyk günlerinde hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň çapdan çykmagy bolsa ähli halkymyz, aýratyn hem, biz — ýaş nesiller üçin buýsançly waka, şanly senelere mynasyp sowgat boldy. Döwlet Baştutanymyzyň täze kitaby hemişelik Bitaraplygymyzyň gadyr-gymmatyny giňden açyp görkezýär.

Goý, Täze, 2026-njy ýyl hem iň ýakymly duýgularyň, belent ösüşleriň ýyly bolsun!

**Arzygül TAGANOWA,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.12.2025